# Eneme…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eneme… ENEME…

Mähribanym, geç güñämi başarsañ,
Aladalam bile garratdym seni.
Gujagymda saklamaly halatym,
Ýene ýollaryma garatdym seni.

Owadan gözlerñi goýdum intizar,
Bilýän ýollaryma bakýañ her daýym.
Enem janym, öt günämi başarsañ,
Diñe öz aladam
wahhh… men guraýyn.

Jañ etsem görünse mahriban keşbiñ.
Gowrup barýan bu dar dünýä giñeýä.
«Sag aman gel, men garaşar otyryn»
Diýýäñ meñ göwnümi añýan deý göýä.

Nur ýüzlim, içiñde gussañy gizläp,
Güldürip mähriban gara gözleriñ.
«Añlamasyn ýüregmiñ awusyn
Gam çekmesin balam» diýýäñ dözmezim.

Belki – de meñzeşdir eneleñ derdi,
Sen bir bilseñ, neneñ saña düşünýä.
Sen maña garaşýañ, menem gyzyma,
«Sag aman gel» diýýä, bilýäñmi, dünýäm.

Mähribanym, geç güñämi başarsañ,
Aladalam bile garratdym seni.
Gujagymda saklamaly halatym
Ýene ýollaryma garatdym seni.

Zöhre ÖWEZOWA.

Stambul, 2022 ý. Goşgular